Türkmenistanyň Bilim ministriniň
2024-nji ýylyň 26- nji (y) 06 çykaran 227
belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşiginiň Düzgünnamasy

## I bap. Umumy düzgünler

1. Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşiginiň Düzgünnamasy (mundan beýläk – Düzgünnama) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda çykaran 340-njy Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyna” laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Düzgünnama ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, ylmy-pedagogik işgärleriniň we beýleki hünärmenleriniň arasynda elektron okuw toplumlarynyň bäsleşigini (mundan beýläk bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

3. Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşigi elektron okuwy we uzak aralykdan okuw tehnologiýalaryny ulanmak bilen, okuw işini guramagyň iň oňat tejribelerini wagyz etmek, bilim maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişiniň hilini ýokarlandyrmak, bilim edaralarynyň işgärleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ylmy we pedagogik işgärleriniň reýtingini ýokarlandyrmak, esasy bilim maksatnamalaryny öňe sürmek, bilimiň elýeterliligini artdyrmak maksady bilen geçirilýär.

4. Bäsleşigiň wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

1) Elektron okuw toplumlaryny döretmekde we geçirmekde ýokary hilli nusgalary ýüze çykarmak, goldamak hem-de ýaýratmak.

2) Elektron okuw we uzak aralykdan okuw tehnologiýalary üçin bilim kontentini (mazmunyny) kämilleşdirmek.

3) Elektron okuw we uzak aralykdan okuw tehnologiýalaryny ulanyp bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gatnaşýan pedagogik işgäriň hünär ukyplaryny ösdürmek.

4) Maglumat tehnologiýalary esasynda bilim bermegiň usullaryny kämilleşdirmek.

5. Düzgünnamada aşakdaky düşünjeler we adalgalar peýdalanylýar:

1) **Elektron okuw** (electronic learning, e-Learning) – dürli pedagogik maksatlara ýetmek üçin (okuwyň hilini ýokarlandyrmak, durmuş aragatnaşygy berkitmek we ş.m.) maglumat tehnologiýalary giňden peýdalanmagyna esaslanan okuw.

2) **Elektron okuw toplumy** – adaty okuwyň meýilnamasynyň özleşdirmegine ýardam berýän, aralykdan (distansion) okuw we elektron okuw tehnologiýalarynyň esasynda döredilen elektron esbaplarynyň toplumydyr.

3) **Uzak aralykdan okuw** (Distansion okuw, distance learning, distance education) – häzirki zaman maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryň kömegi bilen uzak aralykdan ýekebara (indiwidual) ýa-da toparlaýyn geçirilýän okuwyň görnüşi.
4) **Köpçülikleýin açyk onlaýn okuwlar/kurslar** (iňlis dilinde - Massive Open Online Course, MOOC) – okuwçylaryň sany çäklendirilmedik, internet arkaly uzak aralykdan açyk girişde berilýän elektron okuwyň görnüşi. Köpçülikleýin açyk onlaýn okuwlaryň düzümine bir ders boýunça taýýarlanan wideo ýazgylar, dürli elektron formatlardaky (tekst, pdf, surat we ş.m.) okuw maglumatlar we synaglar girýär. Köpçülikleýin açyk onlaýn okuwlaryň köp funksional mümkinçilikli (gözleg, saýlamak, bahalandyrmak, habarlaşmak we beýlekiler) ýörite taýýarlanan internet platformalarda ýerleşdirilýär. Mysal üçin, Udemi, Coursera, Skillbox.
5) **Elektron (sanly) bilim kontenti** (iňlis dilinde – e-content) – okuw meýilnamasynyň çäginde elektron okuw serişdeleriniň jemi.
6) **Elektron okuw kitaby** (iňlis dilinde - electronic book, e-book) – gözleg funksiýaly, multimediýa komponentli, interaktiw synagly, adaty (kagyz görnüşinde) okuw kitabynyň/gollanmanyň elektron görnüşi.
7) **Multimedia elementleri** – tanyşdyryşlar, wideo, grafika, animasiýa, audio, ýöriteleşdirilen programma üpjünçilikleri, öwrediji oýunlar.
8) **Pedagogik ssenariýasy** (Pedagogical/learning scenario) – didaktik gurallaryň, serişdeleriň we tehnologiýalaryň toplumy, anyk pedagogiki meýilnamasynyň (umumy, amaly, söhbet, tejribe, gysga möhletli okuwlar) logiki beýany.
9) **Bilim portaly** – okuwy dolandyryş ulgamy (Learning Management System - LMS) okuw maglumatlary ýerleşdirmek, okuw işini guramak, mugallymlaryň we talyplaryň arasyndaky kommunikasiýa amallaryny dolandyrmak üçin niýetlenen, global ýa-da içki torda hereket edýän web ulgamy. Mysal üçin: Moodle, Blackboard, Desire2Learn.
10) **Platforma** – elektron okuw esbaplary ýerleşdirmäge niýetlenen internet ýa-da intranet meýdançasy. Platformada okuw maglumatlary hem-de olary işläp taýýarlaýjylary bahalandyrmak, ulanyjylaryň teswirlerini ýygnamak mümkinçilikleri bolýar. Platforma hökümünde ýörite taýýarlanan internet/intranet meýdançasy ýa-da bilim edaralaryň elektron okuw bilen bagly serişdeleri ulanyp bilner, şol sanda bilim portallary we saýtlary.

## II bap. Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşiginiň ugurlary

6. Bäsleşik aşakdaky ders ugurlary boýunça geçirilýär:
   1) Tehnologiýa we ykdysadyýet;
   2) Ynsanperwer, medeniýet we sungat, saglyk we sport;
   3) Tebigy we takyk;

## III bap. Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşiginiň Tertibi we şertleri

7. Bäsleşigi geçirmegiň tertibi:

1) Bäsleşigi guramaçylykly geçirmek üçin Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň buýrugy bilen guramaçylyk topary döredilýär we eminler toparynyň düzümi tassyklanylýar.
2) Ýylyň sentýabr aýynda guramaçylyk topary tarapyndan bäsleşigi geçirmek üçin platforma (-lary) kesgitlenilýär.
3) Ýylyň sentýabr aýynda dalaşgärler tarapyndan elektron görnüşinde bellenen platformada registrasiýa edilýär we elektron okuw toplumy platforma ýüklenilýär.
4) Ýylyň oktýabr aýynyň 20-sine çenli eminler topary Düzgünnamanyň talaplaryna laýyklykda elektron okuw toplumlara baha berýär.
5) Eminler topary tarapyndan bäsleşigiň ýeňijilerini kesgitleýär we netijelerini tassyklaýar. Bäsleşikleriň jemleri 3 (üç) iş günüň dowamynda guramaçylyk we eminler toparlary tarapyndan jemlenilýär hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň buýrugy bilen resmileşdirilýär.
6) Ýeňijileri sylaglamak.

8. Bäsleşigiň baýrakly orna mynasyp bolan ýeňijisine geljekki Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşiklerine diňe täze ders ugrundan dalaşgär höküminde gatnaşmaga hukuk berilýär.

9. Her gatnaşyjy ýa-da gatnaşyjylaryň topary, her ders ugurlary boýunça birden köp bolmadyk elektron okuw toplumy bilen gatnaşyp biler.

10.Geljekde geçiriljek bäsleşiklere ýeňiji bolmadyk gatnaşyjylar gatnaşyp bilerler.

11. Dalaşgärlige iň köp ball gazanan bäsleşige gatnaşyjy ýeňiji diýlip yglan edilýär. Ýeňijileriň arasynda deň ball gazanan gatnaşyjylar hem ýeňiji diýlip yglan edilýär.

12. Bäsleşigiň Guramaçylyk topary öz isleglerine görä bäsleşigiň şertini üýtgetmek hukugyndan peýdalanyp bilýärler.

13. Bäsleşigiň Guramaçylyk topary aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

1) Bäsleşigiň maglumat goldawyny üpjün etmek;
2) Bäsleşigiň usulyýet üpjünçiligi, şol sanda işleri bahalandyrmagyň ölçegleriniň we tehnologiýalarynyň açyklygyny üpjün etmek;
3) Bäsleşige hödürlenen işleri kabul etmek we bildirilýän talaplara laýyklygyny kesgitlemek;
4) Bäsleşige gatnaşyjylaryň hemmesi üçin deň şertleri döretmek;
5) Bäsleşige hödürlenen işleri hasaba almak we eminler toparyna geçirmek;
6) Eminler topary tarapyndan bäsleşige gatnaşyjylaryň adalatly bahalandyrmagyny gazanmak;
7) Bäsleşigiň netijelerini resmi yglan edilmezinden öň maglumatlaryň aýan edilmezligini üpjün etmek;
8) Bäsleşigiň netijelerini kesgitlemek we seljermek;
9) Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak;

10) Bäsleşigiň netijeleri baradaky hasabaty Türkmenistanyň Bilim ministrine tabşyrmak.

14. Bäsleşigiň Eminler topary aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

1) Bäsleşige hödürlenen işleri bahalandyrmagyň ölçeglerine laýyklykda (IV bap) baha bermek we ballaryň möçberini bellenen nusga (Goşulýar) laýyklykda kesgitlemek.
2) Her bir ugur boýunça bäsleşige gatnaşyjylaryň iň soňky reýtingi düzülýär;
3) Eminler toparynyň işiniň netijeleri jemleýji teswirnama bilen beýan edilýär.

## IV bap. Elektron okuw toplumlarynyň bahalandyrmagyň ölçegleri

15. Elektron okuw toplumyny bahalandyrmagyň ölçegleri aşakdakylardan ybarat:

1) elektron okuw toplumynyň maksatlarynyň we meseleleriniň anyk kesgitlenmegi;
2) elektron okuw toplumynyň giriş böleginiň dolulygy;
3) hödürlenýän okuw maglumatlaryň täzeliligi, wajyplylygy;
4) okuw maglumatlarynyň berilmeginde innowasion tehnologiýalarynyň peýdalanyşy;
5) elektron okuw toplumynyň maglumatlarynyň mazmunyň dolulygy;
6) talyplaryň we okuwçylaryň talap edilýän başarnyklara laýyklygy;
7) platformada ýerleşdirilen Elektron okuw toplumyna gatnaşan talyplaryň sany;

16. Elektron okuw toplumynyň mazmunynyň dolulygy bahalandyrylanda aşakdaky şertler berjaý edilmelidir:

1) Elektron okuw toplumynyň okuw materiallary bilen doldurylmagynyň derejesi;
2) Interaktiwlilik derejesi. Multimediýa elementleriniň goşulmagy, animasiýa, AR/VR tehnologiýalaryň ulanylmagy;
3) Daşarky çeşmelerden peýdalanmagyň derejesi. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň usulyýet häsiýetli resminamalarynyň peýdalanylmagy;
4) Yglan edilen başarnyklary kemala getirmäge gönükdirilen amaly meseleleriň (meseleler, keýsler) goşulmagy;
5) Okuw maglumatlaryň (nazary, amaly, söhbet we tejribe sapaklar) wideoýazgy görnüşde barlygy;
6) Testleriň barlygy. Olaryň görnüşleri, düzüliş usullary, okuwyň mazmunyna laýyklygy.

17. Elektron okuw toplumynyň didaktik aýratynlyklary:

1) bilim maksatlaryna ýetmek üçin käbir elementleri we tehnologiýalary ulanmagyň düzüminiň we geriminiň ygtybarlylygy (wideo, tekst, test, simulýasiýa, infografika, slaýdlar, ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi, AR tehnologiýalar we ş.m.);

2) garaşsyz aň-bilim, gözleg işlerine ugrukdyryş derejesi;
3) hünär meselelerini çözmäge üns berilişi;
4) dersara baglanyşyklary;
5) okaýanlaryň goldawynyň we özara gatnaşygynyň hili;
6) onlaýn okuwy özleşdirmegiň netijelerini barlamak we baha bermek üçin gurallaryň bolmagy;
7) elýeterlilik, amatlylyk, ulanmagyň aňsatlygy we dizaýny;
8) usulyýet özboluşlylygy (täze usulyýet pikirleri iş ýüzünde ulanmak ukyby).

## V bap. Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşigine gatnaşyjylary sylaglamak we çykdajylary maliýeleşdirmek

18. Elektron okuw toplumlarynyň bäsleşiginiň ýeňijileri (I, II, III orunlar) Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan 1-nji, 2-nji, 3-nji derejeli diplomlar bilen sylaglanylýar.

19. Bäsleşigi geçirmek bilen bagly ähli çykdaýjylar Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda çykaran 340-njy Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň" 8-nji bendine laýyklykda amala aşyrylýar.

20. Eminler toparlary hökmünde döwlet bäsleşigine çekilýän mugallymlaryň iş sapary bilen bagly çykdajylary olaryň esasy iş ýeri boýunça tölenilýär.

Goşundy

**Elektron okuw toplumyna baha bermek teswirnamasy (beýany)**
**Elektron okuw toplumynyň ady ____________________**

| № | Ölçegi/baha | Ball (1-den 6-a çenli) |
|---|---|---|
| 1 | Maksatlaryň we meseleleriň anyk kesgitlemesi | |
| 2 | Elektron okuw toplumyň synynyň we giriş bölüminiň dolulygy (multimediýa görnüşinde) | |
| 3 | Materiallaryň wajyplylygy (ýerlikliligi) | |
| 4 | Okuwyň ugruna laýyklygy | |
| 5 | Elektron okuw toplumynyň ders boýunça mazmunynyň dolulygy | |
| 6 | Elektron okuw toplumynyň dörediјiniň özbaşdak taýýarlan okuw maglumatlary bilen doldurmak derejesi | |
| 7 | AR/VR tehnologiýalaryň goşulmagy | |
| 8 | Ders boýunça yglan edilen başarnyklary kemala getirmäge gönükdirilen amaly tabşyryklaryň (meseleleriň, keýsleriň) goşulmagy | |
| 9 | Wideo ýazgylaryň hili we sany (şekillendirişiň hili, okuwyň mazmunyna laýyklygy) | |
| 10 | Testleriň goşulmagy (sanyna, okuwyň mazmunyna laýyklygyna, görnüşlerine görä) | |
| 11 | Öwrediji oýunlaryň barlygy we hili | |
| 12 | Bilim maksatlaryna ýetmek üçin käbir elementleri we tehnologiýalary ulanmagyň düzüminiň we geriminiň ygtybarlylygy we hili (wideo, tekst, infografika, simulýasiýa, tanyşdyryşlar, ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi we ş.m.) | |
| 13 | Garaşsyz aň-bilim, gözleg işlerine ugrukdyryş derejesi | |
| 14 | Hünär meselelerini çözmäge üns berilmegi, ugrukdyrmasy | |
| 15 | Dersara baglanyşyklary barlygy | |
| 16 | Elektron okuw boýunça alnan teswirler (bilim edaranyň portalyndan alynýar) | |
| 17 | Okuwy özleşdirmegiň netijelerini barlamak we baha bermek üçin gurallaryň bolmagy | |
| 18 | Elýeterlilik, amatlylyk, ulanmagyň aňsatlygy we dizaýny | |
| 19 | Usulyýet özboluşlylygy | |
| 20 | Elektron okuw toplumynyň ulanmagynda çeýeligi (Kompýuterde ýa-da telefonda ulanylanda goşmaça artykmaçlyklaryň talap edilmezligi, ýagny işletmek aňsat we düşnükli bolmagy) | |
| **Jemi** | | |

______________________ ______________________
*Hünärmeniň (bilermeniň) F.A.A.* Goly

«___» ___________ 20___ ý.